# Ýör läläm baglara seýle gideli

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýör läläm baglara seýle gideli ÝÖR LÄLÅM BAGLARA SEÝLE GIDELI



Bahar gelip, güller pyntygyn açdy
Ýör läläm baglara seýle gideli
Güller müşk anbaryn jahana saçdy
Ýör läläm baglara seýle gideli.
Gülälekli meýdan bize garaşýar
Mähir bilen gözlerimiz alyşýar
Söýmek hem söýülmek bize ýaraşýar
Ýör läläm baglara seýle gideli.

Gülleň arasyndan ýöräp çalaja
Garamyk gözleriň seniň garaja
Söýgi ýolun ýöräp geçsek bileje
Ýör läläm baglara seýle gideli.

Ýagşyň damjasyna bile ezilsek
Ýagşy dileglere göwnümiz bersek

Ýagşyň arasynda toý tansyn etsek
Ýör läläm baglara seýle gideli.

Gol tutuşyp bagt köşgüne baraly,
Mizemeýän bir ojagy guraly,
Bagt bagynda bile döwran süreli,
Ýör läläm baglara seýle gideli.

01. 03. 2018

Gurban Geldiýew. Goşgular